# Hüwdi sesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hüwdi sesi

HÜWDI SESI

Sen uklap ýatansyň,
Gijäniň ýary
Heniz dil bitmedik
Ogluň oýansa,
Aglasa,
Oýarsa
Seni ukudan,
Ejesi dessine tirsegne galyp,
Göwsüni tutdursa onuň agzyna,
Ogluň bolsa,
Derhal
Kesip agysyn,
Sokjap-sokjap emip,
Ýene ýatmasa,
Ejesem gujagna gysyp ogluňy,
Saçlaryn sypalap,
Zaryn ses bilen
Bir gamgyn hüwdini aýdyp başlasa,
Ýumrujagyn düwüp,
Birazdan ogluň
Girse ümsüm düýşleň birýan çetinden,
Sagadam diwarda
Jukguldap dursa
Hem Aý gülüp baksa
Penjiräňizden,
Uklap ýetişmeseň,
Şo pursat,
Şo hal
Kimdir biri

Suwda kän mahal ýatan,
Pos tutan pyçagy alyp eline
Seniňem ýüregiň bir näzik ýerin,
Bir yzaly ýerin
Dilýän ýalymy,
Ýa gursagňy ýaryp,
Bir demir penje
Suwun syka-syka,
Sarkdyryp ganyn,
Sogrup ýüregiňi
Owýan ýalymy
Hem başbermez hyýal
Gidip düýnüňe,
Seniň emip ýatan suratyň bilen
Başyňda badyny döwýän ýalymy?

Kakamyrat ATAÝEW

Goşgular